# Duýgular

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Duýgular DUÝGULAR

Ýaşap bilmen baş galdyrman,
Durkum bilen durkam ýanyp.
Ýaşap bilmen söweş gurman,
Gaý küýsemän, ymyzganyp.

Daşda durup jeň gohundan,
Goý, özgeler alsyn lezzet.
Tagatçy hak-penahyndan
Tamakindir, garaz medet.

Meniň paýym – göreş däbi,
Ojagy men baky howruň.
Darlyk edýär durmuş çägi,
Terse ýüzmek – baky höwrüm.

Al-asmany, bar dünýäni,
Bagra basyp biljek özüm.
Söýsem, geýsem gazap donun,
Köresin şol höwür-közüm.

Sungat – hakyň eşret bagy,
Şoňa bagban bolsam diýýän.
Barka mende pähim-duýgy,
Dünýäň erkin alsam diýýän.

Näme gurup biljek bir men?
Ýetmän batly sesim tünde.
Dünýe fargap barýar kem-kem,
Galyp gaflat ukusynda.

Joşup-daşýan bir dünýäde,
Merhum kesler gurmaz jeňi.
Ýol salansoň tüm binýada,

Merhumlaryň çykmaz çaňy.

Çalyşman öz nesibimi,
Olaň beýle paýy bilen.
Haýyp olaň nepisligi,
Ymtylýanam Hiç zat olaň.

Togtamaýan hereketiň
Düýp-özene güýji siňýär.
Weýranlygyň serpip çetin,
Dünýä täze dünýä inýär.

Özgermeklik – baky kanun,
Dünýäň örki şol bolmaly.
Dogup-döräp, ölýänçäň sen,
Ýykylmaly, galkynmaly.

Onsoň şeýdip çekip jebir,
Perwaz urýar jismi-janlar.
Janlarymyz bolýar höwür
Eýelerin maýrynçalar.

Bolman olar öz erkinde,
Uçýar hakyň emrin tutup.
Paýlap berdi ykbal bize
Ajyň, süýjiň baryn çekip.

Hor-homsy gün görmez ýaly,
Kibti gysyp durmalyň biz.
Geliň, gowsy, kän jepaly
Alys ýola ugralyň biz.

Çekip jebrin lellimligiň,
Har bolmasyn ömrüň ýoly.
Diňe göreş, hyjuw bilen
Hökmürowan ynsan ogly.

Karl MARKS.

Terjime eden Annaly BERDIÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 07.10.1982 ý.

# Gennadiý Gusýew «Beýik arzuwyň sepilliklerinde», 1982 ý. Goşgular